# Ependiniñ gephaltasyndan -3

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ependiniñ gephaltasyndan -3 EPENDINIÑ GEPHALTASYNDAN

Ependi dellek ekeni. Günlerde bir gün saçy ýeñsesine düşüp duran bir ýigit dellekhana gelip, kreslo çöküpdir-de, şeýle diýipdir:
– Babaý, bir kapitalnyý remont edip goýbersene!
Ependiniñ muña ýeñsedamary gatapdyr:
– Ýigit, bu taýy ussahana däl, dellekhana!
* * *

– Kaka, adam geplemäni öwrenenden soñ ýene nämäni öwrense gowy?
– Lal-jim bolmany! – diýip, Ependi gyzyna jogap beripdir.

* * *

Ependi et satyn alypdyr. Gassap oña süñk-sañklary çekip beripdir-de, şeýle diýipdir:
– Agam jan, süñkli ýeriniñ tagamy aýrydyr! – Gassap süýji-süýji gürläpdir. – Ynha, Biribar Adam atanyñ gapyrgasyndan How enemizi ýasapdyr ahyry!
– Hudaý gapyrgadan zenan ýasan bolsa, sen süñkden kaşañ jañ ýasaýañ! – diýip, Ependi gönüsinden gelipdir.

* * *

Bir adam Ependä sala salypdyr:
– Nasretdin aga, oglum boldy, adyna näme daksamkam, maslahat ber?
– Beýleki ogullaryñ ady näme?
– Ulujamyñ ady Paltabaý, ortanjymyñ ady Teşebaý, kiçimiñ ady Orakbaý…

– Körpäñ adyna-da Pyçakbaý dakyp goýber. Onsoñ, ähli demir ugry özüñden öner.

* * *

Ependiniñ aýaly:
– Ezizim, zähmet rugsadyna haçan çykýañ?
– Ony başlygym çözer – diýip, Ependi jogap beripdir.
– Ikimiz dynç almaga haýsy ýere gideris?
– Ony özüñ çözersiñ! – diýip, Ependi göwni bir ýaly jogap beripdir.
– Ýol harjyny nirden alarys?
– Ine, muny özüm çözerin! – diýip, Ependi gülümsiräpdir.

* * *

– Eý oglanjyk nämä zörledip dursuñ? – diýip, Ependi gat-gat jaýlaryñ arasynda şumjaryp duran okuwçydan sorapdyr. – Näçinji klasda okaýañ?
– Bäşinji – diýip, oglanjyk gözlerini owkalapdyr.
– Bäşinji klas bolubam bir aglarlarmy? – diýip, Ependi ony köşeşdiripdir. – Ýeri, näme aglaýañ?
– Azaşdym…
– Azaşdym? Señ özüñ nirä barýañ?
– Mekdebe.
– Bäşinji klas bolup sen indi mekdebiñi-de tapyp bilmän azaşyp ýörmüñ?
– Mundan ozal meni mekdebe kakamyñ şopury äkidip getirýärdi-dä…

«Watan» gazeti, 1995 ý. Degişmeler